Gözbaşyny taryhyň çuňluklaryndan alyp gaýdyp, halkymyzyň milli buýsanjyna öwrülen türkmen halyçylyk sungaty hormatly Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň bu pudaga berýän aýratyn ünsi,kömek-goldawy netijesinde täze ösüşlere, özgerişlere eýe bolýar. Watanymyzyň häzirki pajarlap ösýän döwründe halkymyzyň beýik mirasyny öwrenmek, ajaýyp halylary döretmekdäki ýörelgeleri hem-de däpleri gaýtadan dikeltmek we wagyz etmek işleriniň giň geriminde alnyp barylmagy, ajaýyp halylary döredýän çeper elli gyz–gelinlerimiziň döredijilikli işlemekleri üçin täze halyçylyk kärhanalarynyň gurlup, ulanylmaga berilmegi we ýene-de döwlet tarapyndan berilýän ençeme goldawlar bu belent senediň ösüşli ýoluny üpjün edýär.Ýurdumyzda döwrebap çeper halyçylyk kärhanalarynyň sanynyň artmagy netijesinde haly dokamaga isleg bildirýän gelin-gyzlarymyzyň sany barha artýar.Ene-mamalarymyz gelin-gyzlaryň edep ekramly, asylly, akyl-paýhasly,ukyp-başarnykly,eli hünärli bolmagy barada uly alada edipdirler. Olar gyz perzentleri ese–boýa galyp ugrandan dürli tagamlar taýýarlamagy,keşde çekmegi,gaýma gaýamagy,haly-palas,keteni dokamagy keçe güllemegi,jorap örmegi öwredipdirler.Häzirki wagtda türkmen zenanlarynyň nepis el işlerinde özüne mahsus aýratynlyk bar. Olar dürli nusgalary tapyp,reňkleri utgaşdyrmagy,nagyşlary bir-birine gelişdirip,täsin gözellik döretmegi ezberlik bilen başarýarlar.Nagyşlaryň nepisligi hem-de inçeligi, reňkleriň saýhally,rejeli utgaşdyrylyşy el işiniň çeperçilik gymmatyny kesgitleýär. Türkmen halkynyň asyrlaryň jümmüşinden gaýdýan gözellik gudraty,dünýäniň zynaty bolan ajaýyp halylary Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe täze ösüşe eýe boldy. Türkmeniň abraýyny arşa göterýän nepis halylarymyz bu gün toýlarymyzyň, öýlerimiziň gelşigi we ýaraşygydyr.Köp asyrlyk taryhy bolan milli medeni mirasymyzy goldamak onuň maddy enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmakda ägirt uly işleri amala aşyrýan, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary elmydama aman bolsun. Alyp barýan umumyadamzat ähmiýetli tutumly işleri mundan beýläkde diňe rowaçlyklara beslensin.

**Ogulnur JUMAGELDIÝEWA**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 11.03.2025